# Messi…

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 24 января, 2025
Messi… MESSI…




Argentinada futboly diýseñ gowy oýnaýan, emma süñkünde birneme kemislik bolan kiçijik çagajygy tap… Barselona getir, saglygyna seretdir. Soñam dünýä futbolynyñ witrinasyna çykar.
Messiden söz açanymda özümi hemişe gyzykly taryhyñ içine çümüp giden ýaly duýýardym. Çünki onuñ oýun tilsimleri, ukyby Mosartyñ sazlaryny diñleýän ýaly üýtgeşik ruhy lezzet berýärdi….
Deñi-taýy ýokdy. Soñunyñ beýle bolmagy indi ýitip barýan hakyky futbolyñ degişlilik duýgusynyñ iñ gowy nusgasy boldy. Täze hojaýyn Žoan Laporta näme diýipdi? “Messi biziñ ýanymyzda galar, onuñ bilen şertnamamyzyñ möhletini ýene kän-kän ýyllara uzaldarys…” Näme boldy? 778 futbol duşuşygyna çykyp, 672 gol salyp we 305 assistentlik eden, 10 gezek La Ligada, 4 gezek Çempionlar ligasyndan 3 gezek UEFANYÑ Super kubogyny alan topary ñ nökeri maliýe kriteriýalaryna gurban edildimi?
LA Liga Neýmardan we Ronaldodan soñ ýene bir beýik senetkärini ýitirdi. Indi ispan ligasynyñ dünýä boýunça reýtingi ep-esli pese düşse gerek. Gürrüñ alty gezek «Ballon d’Or» baýragyna mynasyp bolan ezber oýunçy barada barýar. Aktýor Al Paçinony kino düşmäge çagyryp «pulumyz gutardy, kinofilmi tamamlap bilemzok» diýseñ nähili bor? Ine, «Barselona» şuny etdi…
«REAL Madrid»-iñ başlygy Florentino Peres klubyñ geçen ýylky çeken zyýanynyñ 300 million dollara ýetendigini mälim etdi.

Sebäbi, pandemiýa… Ispan habar beriş serişdeleri «Barselonanyň» berýän ýokary aýlyk haklary sebäpli taryhynyň iň kynçylykly döwrüni başdan geçirýändigini ýazýar. Ispan futboly kyn ýagdaýda, emma ýyldyzlaryny saklap bilmese, dünýä boýunça tomaşa edilişini we özüne bolan çäksiz gyzyklanmalary ýitirer. La Liganyň düzgünleri we ykdysady prinsipler ispan futbolyna parlak ýyldyzlaryň gelmegine päsgelçilik berer.

Erjan TANER.

«SÖZCÜ» gazeti, 15.08.2021 ý. Sport we turizm